# Çoýun zawodynda

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Çoýun zawodynda ÇOÝUN ZAWODYNDA

Tramwaýyň aýnasyndan esedip,
Barýadyk Tuladan günorta garap.
Öýi ýaňlandyryp güňlenç ses edip,
Işläp dur çal tüsse-çadyrny büräp,

Baryp görsek altyn reňk gyzgylt ot
Akyp dur, akyp dur, dynman akyp dur.
bu ot akdygyça möwjäp, alyp bat,
Başga ýandan çoýun bolup çykyp dur.

- **LEW TOLSTOÝA**

Ýasnaýa-Polýana – gözel bagynda
Ýagyş ýagyp, ýaňy diňen çagynda.
Aýlanyp gördük biz gezen ýerlerňi,
Kütläp-kütläp kitap ýazan ýerlerňi.

Ine çal gojaman beýik agaçlar,
Üstünde saýraşýar ajaýyp guşlar.
Bagynda burk urýar reňbe-reň güller,
«Ýaseman», «Sirena» ýaly bägüller,
Bize görünmeýär asman deňizi,
Gün hem zordan görýär jyklanda bizi.

Saýasyna gün düşmeýän şu ýeriň,
Bir çetinde ýatyr seniň guburyň.
Bu gün seniň baky öýüň öňünde,
Baş egip, gül goýdum iller deňinde.

Ilmyrat PUDAKOW.

«Edebiýat we sungat» gazeti, 1958 ý. Goşgular